# PROGRES FONDY

Analitiki pikirlenmäni we delillere esaslanýan syýasat gurluşygyny öňe sürýär

**Köpçülik ýerlerinde dymyşlygyň höküm sürýän ýurdunda faktlary öwrenmek edermenlige öwrülýär.**

Türkmenistanda ygtybarly we dogry maglumatlar örän gyt, açyk gürrüňdeşlik etmäge mümkinçilikler hem ýok diýen ýaly. Bu boşluk misinformasiýa, gorka we ynamsyzlyga oňaýly şert döredýär – netijede raýatlar öz durmuşlaryna täsir edýän kararlara gatnaşyp bilmän galýarlar.



**Korrupsiýa** köpçülikleýin hyzmatlary, kada-kanunlary we ynamy bozýar. Corruption Perception Index 2024 hasabatynda Türkmenistan **180** ýurduň içinde **165-nji** orunda durýar – bu dünýäde korrupsiýanyň iň erbet derejeli ýurtlarynyň biri diýmekdir.

**Garaşsyz žurnalistika** orun berilmeýär. World Press Freedom Index 2025 hasabatynda ýurt **180** ýurduň içinde **174-nji** ýerde durýar we žurnalistlere berk gözegçilik we sütem edilmegi dowam edýär.





**Internet elýeterligi** juda çäkli bolmagynda galýar. 2025-nji ýylyň ýanwarynda Türkmenistanyň ilatynyň diňe **34.9%-i** internet ulanypdyr – bu dünýäde iň pes görkezilijeriň biridir.

Bu **maglumat garaňkylygynyň içinde Progres Fondy** sanlary, maglumatlary we açyk gürrüňdeşligi hemmelere elýeter ediji şöhle bolup hyzmat edýär. Lapykeçlikden we umytdan dörän bu fond öz ýurtlary üçin başgaça gelejegi, ýagny **gorky we üzňelik bilen däl-de, progres we hyzmatdaşlyk bilen gurlan gelejegi** göz öňüne getirýän türkmenistanlylary bir ara jemleýär.

## BIZ KIM

**Progres Fondy** garaşsyz analitiki merkez bolup, Türkmenistanda tankydy pikirlenmäge, bilimli karar kabul etmäge we ilatyň işjeň gatnaşygyny ösdürmäge goşant goşýar. Biz ýurdumyzyň gelejegi üçin progressiw, inklýuziw we delillere esaslanýan syýasy çözgütleri öňe sürýäris. Biz "Türkmenistan ýokary hilli maglumatlaryň elýeter, adamlaryň tankydy pikirlenýän, bileleşip hereket edýän hem-de öz zerurlyklaryny we hukuklaryny kanagatlandyrýan syýasatlary döredýän ýurduna öwrüler" diýen arzuw bilen zähmet çekýäris.

Biz üçin, progres bu işjeň umyt, paýhasly hereketler we çyn we çuň ýürekden edilýän alada bilen gazanylýar. Munda adamlar agzybirlikde has erkin hem-de adamy hemme zatdan öňde goýýan Türkmenistany arzuwlaýarlar we gurýarlar. Bu gorkynyň ýerini hakykatyň tutmagy, raýatlaryň hukuklaryny talap etmegi we paýlaşjak gelejeklerini bile döretmegi, şeýle-de hökümetiň ýurdy jogapkärçilik, aç-açanlyk we dürli garaýyşlara bolan hormat bilen dolandyrmagy bilen başlanýar.

# BIZIŇ IŞLERIMIZ WE TÄSIRIMIZ

PROGRES

### PROGRES.ONLINE

Garaşsyz, analitiki žurnal bolup, Türkmenistanyň jemgyýetçilik, ykdysady we syýasy tendensiýalary barada ylmy barlaglary, sanlara esaslanýan derňewleri we syýasat üçin analitiki netijeleri üpjün edýär. **2020-nji ýyldan bäri** bu žurnal ýerli ýagdaýlary global düşünjelere baglaýar.



### PALAW INDEX

Türkmenistanda inflýasiýany ölçemegiň döredijilikli usuly. Ýurduň milli nahary bolan **palawyň** ingrediýentleriniň bahasy esasynda manadyň satyn alma güýjüni ölçäp, raýatlara hakyky ykdysady tendensiýalara we nyrhlaryň üýtgemegine düşünmäge kömek edýär.

### SAGLYK.ORG

Türkmenistanyň ilkinji we iň ygtybarly jemgyýetçilik saglygy platformasy. **2009-njy ýyldan bäri**, saglyk sowatlylygyny, jynsy we önelgelik saglygyny gowulandyrmakda tagalla edip gelýär we türkmen dilinde iň esasy COVID-19 maglumatlar çeşmesine öwrüldi.

### BILIM MOBILE APP

Türkmenistanda ýeketäk aýbaşy kalendary. Aýda **2000 töweregi ulanyjysy bolup**, BILIM gyz-gelinlere türkmen dilinde takyk we möhüm jynsy hem-de önelgelik saglygyna degişli maglumatlary hödürleýär.

# BIZIŇ IŞIMIZI GOLDA

Türkmenistanda faktlary we açyk gürrüňdeşligi gorap saklamaga kömek et. Seniň goldawyň türkmenistanly analitiklerine we ýazyjylaryna yktybarly, konstruktiw we progressiw kontentleriň üsti bilen jemgyýeti bilimlendirmäge we hereketlendirmäge güýç, ylham berýär. Täjirçilik däl 501(c)(3) jemgyýetçilik guramasy bolan, **Progres Fondy SAŇA bil baglaýar**! Aýlyk goldawçy bolup hem bilersiň, bir gezeklik pul bagyşlap hem bilersiň. Her bir edilen kiçijek kömek hemmeler üçin **bilimlilige, edermenlige we progrese tarap ädilen uly ädimdir**.

**"Ylymsyz hiç bir iş öňe gitmez. Körlük bilen galar."**

Muhammetguly Atabaý Ogly, ilkinji türkmen bilim reformatorlarynyň biri we jemgyýet intelligenti

# BIZI ONLAÝN YZARLA:

progres.online
saglyk.org

turkmen.progres@gmail.com

OnlineProgres
Saglyk

progres.online
saglykgram